«HUKUKÇY»
HOJALYK JEMGYÝETI

Türkmenistan, Aşgabat şäheri,
1946 (Ankara) köçesi, 23-nji jaýy, 8-nji gat
Telefon: +993-12-96-48-81.

«HUKUKCHY»
ECONOMIC SOCIETY

Ashgabat, Turkmenistan,
1946 (Ankara) street, 23, 8 floor.
Phone.: +993-12-96-48-81.

**Hormatly Türkmenistanyň Daşary işler ministirliginiň Halkara gatnaşyklary inistitutynyň talyplary we mugallymlary!**

Talyplaryň ýokary okuw mekdebinde alýan nazary bilimlerini tejribe bilen utgaşdyrmak, olaryň geljekki hünär işi üçin zerur bolan durmuş başarnyklaryny, hukuk endiklerini has-da kämilleşdirmek, ýurdumyzda hukuk añyýetiniň, biliminiň hem-de medeniýetiniň ösüşine goşant goşmak maksady bilen "Hukukçy" hojalyk jemgyýeti hukuk hünäri boýunça okaýan talyplaryň arasynda okuw-tejribe bäsleşigini geçirmegi meýilleşdirýär. Bäsleşigi tejribeden alnan bir jedelli ýagdaýy Türkmenistanyň kanunçylgyna esaslanyp seljermek we ony mysaly kazyýet önümçiligini gurnamak görnüşinde geçirmek göz öňünde tutulýar.

Bäsleşige ýokary okuw mekdeplerinde hukuk hünärini öwrenýän talyplar gatnaşyp bilerler. Bäsleşikde toparlar, iki gatnaşyjydan ybarat toparlar görnüşinde bäsleşerler. Bäsleşigiň soraglary hukuk ulanyş we kazyýet tejribesinde duş gelýän işleriň esasynda işlenip düzüldi. Talyplaryň seljermegi üçin hödürlenýän mysaly jedeli Türkmenistnaýň kanunçylygyna laýyklykda selejermek, delilleri esaslandyrmak, ýazmaça we dil üsti bilen beýan etmek endiklerini ösdürmek göz öňünde tutulýar. Bäsleşikde eminlik etmek üçin tejribeli hukukçylary çagyrmak meýilleşdirilýär.

Bäsleşik iki tapgyrdan ybarat bolup, 1-nji tapgyrda talyplaryň mysaly jedelli işi seljerip, umumy netijenama ýazmak başarnyklary synagdan geçirler. Bu tapgyryň netijesinde 2-nji tapgyra geçen talyplar, 2-nji tapgyrda resminamalar bilen işlemek we kazyýetde çykyş edip bilmek başarnyklary boýunça bäsleşerler. 2-nji tapgyryň dilden çykyşlarynyň netijesinde iň okde iki topar final tapgyrda bäsleşmäge hukuk gazanar.

Bäsleşigiň netijesinde aşakdaky ugurlar boýunça ýeñijiler kesgitlener we baýraklar bilen sylaglanar:

- "Ýeñiji topar" - 5 000 manat möçberdäki pul baýragy
- "Finalist topar" - 3 000 manat möçberdäki pul baýragy
- "Bäsleşigiň iň gowy memorandumy" - 1 000 manat möçberdäki pul baýragy
- "Bäsleşigiň iň gowy dilewary" - gatnaşyja 1 000 manat möçberdäki pul baýragy

**Toparlary bäsleşige hasaba alyş 2022-nji ýylyň 14-nji noýabryndan 19-njy noýabry aralygynda "Hukukçy" hojalyk jemgyýetiniň resmi internet saýtynyň üsti bilen geçiriler. Bäsleşige gatnaşmak isleýänler hasaba alynmak üçin şu aşakdaky telefon belgilere jañ edip ýa-da elektron poçta salgysyna habarnama ugradyp bilerler.**

**Telefon belgilerimiz: +993 12 96 48 81; +99365 15 77 44; +99363 48 51 51.**
**Elektron bukjamyz: hukukchy.mootcourt@gmail.com**
**Internet saýtymyz: www.hukukchy.com**

**Sizi bäsleşige gatnaşmaga çagyrýarys!**

**"Hukukçy" hojalyk jemgyýeti**